# Günbatar Afrikanyñ öñbaşçy musulman zenany: Nana Asmau

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Günbatar Afrikanyñ öñbaşçy musulman zenany: Nana Asmau
GÜNBATAR AFRIKANYÑ ÖÑBAŞÇY MUSULMAN ZENANY: NANA ASMAU




Aýal-gyzlar jemgyýetde mynasyp ýer edinmek we eý görülmek üçin taryhyñ dürli döwürlerinde jan edip gelipdir.
XIX asyryñ Demirgazyk Nigeriýasynda-da aýal-gyzlaryñ ýagdaýy başga ýerdäkilerden enaýy däldi. Berk düzgünli däp-dessurlar bilen zoñtar yslam garaýşynyñ utgaşmagy netijesinde yslamyñ beren hak-hukuklaryndan mahrum edilip, dört diwaryñ arasyna gabalan aýal bir adamlyk eýesi bolmakdan ötri maldan tapawutly görülmedi.
Şular ýaly döwürde zenan alym, şahyr, mugallym bolan Nana Asmau obama-oba aýlanyp, ýaşan ýurdundaky uly-kiçi, ýaş-garry ýa musulman-gaýry dinli diýmän ähli aýal-gyzlary okatmagy, olara yslamy we gumanizmi wagyz etmegi, olara aýalyñ gadrynyñ bilinýän jemgyýetini gurmagy maksat edindi.

- **Sokoto halyfy Osman dan Fodionyñ gyzy**

Şeýlekin progressiw zenan şahsyýeti tanatmazdan öñ ony ýetişdiren atany – Osman dan Fodiony gysgaça tanatmak gerek. Günbatar Afrikanyñ yslam taryhynyñ görnükli alymlaryndan hasaplanýan Fodio Sokoto oblastynda öz döwrüniñ iñ güýçli syýasy-ykdysady sistemasyny gurup, XIX asyryñ taryhyna adyny ýazdyrdy.

1804-nji ýylda «Hausa» jihat hereketi arkaly guran Sokoto halyflygynyň başyna geçip, 1817-nji ýylda aradan çykýança halyf bolup oturdy.
Sokoto halyfy Osman dan Fodionyň tagallasy bilen döredilen dindar Degel jemgyýetinde ýetişen gyzy Nana Asmau kiçijik çagalygyndan başlap alan bilimi we terbiýesi netijesinde ir wagtlardan ýurduna hyzmat etmäge başlady.
Gyzlaryň entek kämillik ýaşyna ýetmänkä ýumruk ýaly çaga wagtynda äre berilýän, bilimden mahrum edilýän we eginlerine göterip biljek ýükünden has artyk ýüklenýän jemgyýetinde Asmau nusgalyk häsiýetlere eýe zenan bolup ýetişdi.
Yslam hukugy, Kuran we Hadys ylymlaryny çuňňur özleşdirmek bilen bir hatarda grek we latyn edebiýatyny-da gowy bilipdir.
Asmau arap dili bilen birlikde hausa, fulani, tamaçek dillerinde suwara okap-ýazyp, gepläpdir.
Bilim almak nigeriýa jemgyýetinde örän az sanly zenanyň ýetip bilen mümkinçilikleriniň biridi.
Yslam dininde ylym-bilimiň bilim aýal-gyzlara atalary we ärleri tarapyndan hökmany elýeterli edilmelidigini öňe süren Osman dan Fodio gyzy Asmauny ýaşaýan jemgyýetine nusgalyk şahs bolar ýaly derejede ýetişdirdi.
Asmau pedagoglyk ukyplary bilen bir hatarda syýasatda-da aktiwdi. Kakasynyň ölüminden soň ol halyf bolan dogany Muhammet Bellonyň geňeşdary bolubam işledi.

- **Nusgalyk bilim ulgamy: Ýan Taru**

Nana Asmauny häzir Nigeria bilen birlikde bütin Afrikada ýatlanyp durar ýaly eden iň esasy faktor – ýurt möçberinde ýola goýan bilim sistemasy boldy.
Hausa dilinde «bir ýere üýşmek» manysynda ulanylan»Ýan Taru» atly ajaýyp bilim sistemasynda işleýän ähli pedagoglar Asmaunyň elinden çykan aýal-gyzlardy.
Bu pedagoglar diňe ýerleşýän ýerindäki aýal-gyzlary okaymak bilen çäklenenokdy, posýoloklara we obalara barýan aýal mugallymlaryň birinji maksady jemgyýetiň iň gowşak we ejiz aýal-gyzlarynyň arasynda iş geçirmek bolupdyr.

«Jaji» diýip atlandyrylan aýal mugallymoar hernäçe ilkinji nobatda jemgyýetiň sosial-ykdysady taýdan mümkinçiligi çäkli ýagdaýdaky aýal-gyzlary göz öňüne tutanam bolsalar, mundan erkeklerem peýdalanyp bilipdir.
Nana Asmau sowat derejesiniň örän pes jemgyýetinde bilimi aňsat we öz höwesiňe alar ýaly ýagdaýa getirmek üçin şygyrlardan peýdalanypdyr.
Bu şygyrlar yslamyň düýp prinsiplerini, imanyň esaslaryny we ýene ençeme janagyryly meseläni has düşnükli dilde beýan etmegiň we öwretmegiň ýoly boldy.
Asmaunyň üpjün eden dini bilimiň özeninden we düzümindenem hökman söz açmak gerek.
Fykh meseleleriniň ýany bilen, hatda belki-de, ondanam aňyrda adamy adam edýän ahlak gymmatlyklary onuň bilim sistemasynda elmydama uly orun eýeledi.
Onuň goşgularynda we beýleki eserlerinde şol ahlak gymmatlyklaryny we häsiýetleýin kemala gelşi görmek mümkindi.
Ýat tutmasy aňsat şygyrlar bilen yslamyň esasy prinsiplerini we musulmanyň şahsyýetini suratlandyrýan beýtler dilden-dile geçip geldi.
Asmau teni we eşigi arassa saklamakdan başlap ylym ugrunda bolmaga, töhmetiň, gep-gybatyň we ýalan-ýaşrygyň getirjek günälerijden özi üçin dilänini musulman dogany üçinem dilemäge çenli köp temalary şygyrlarynda akgynly görnüşde işledi.
Hz. Äşe, Patma, Zeýnep ýaly beýleki musulman zenan şahsyýetlerden söz açýan şygyrlary arkaly nigeriýaly aýal-gyzlar özlerine görüm-göreldelik terbiýe we durmuş ýoluny edindi.
Yslam dini ylym-bilimi erkek üçinem, aýal üçinem deň derejede parz kylypdyr. Muňa garamazdan jemgyýetleriň köpüsinde aýal-gyzlar medeni kıstaslar kadar sözde dini tutaryklaryňam öňe sürülmegi bilen ylym-bilimden mahrum edilipdir.
Ine, şeýlekin mahrumlygyň astynda ezilýän aýal-gyzlary (we erkekleri) okadyp, jemgyýeti özgerden we ösdüren Nana Asmau ýaly ony bu ýadawsyz göreşinde golden agasyny, adamsyny we iň esasysy-da kakasy Osman dan Fodiony ýene bir gezek ýatlamak gerek.

Halyf Osman dan Fudýonyñ şindizlerem aýal-gyzlara meçew bermekde aýyplanmahy megerem şu sözleriniñ şol döwürde nähili garşylanandygyny göz öñüne getirmek kyn däl:
*«Eý musulman zenanlar, size Hudaýa we Onuñ resulyna ytagat etmegi aýtmagyñ ýerine ärleriñize ytagat etmegi buýrup, sizi ýoldan çykarmaga çalyşýan ýol ýitirenleriñ sözlerine gulak asmañ. Olar aýalyñ bagtynyñ ärine ytagat etmekden geçýändigini aýdýarlar. Munuñ özi olaryñ zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga ýarajak başga zat däldir. Olar size Allanyñam, Resulynyñam boýnuñyza ýüklän borçlaryny ýüklänoklar. Gaýtam, Allanyñ we Resulynyñ siziñ üçin ýazanyny size öwretmegiñ ýerine, nahar bişirmegiñizi, kir ýuwmagyñyzy we isleýän başga zatlaryñyzy etmegi buýurýarlar. Alla-da, Onuñ ilçisi hem bular ýaly siziñ boýnuñyza bular ýaly borjy ýüklemedi».*
Şu günki gün «Boko Haram» ýaly dini-ekstremistik terrorçy guramasy hakdaky habarlaryñ habar beriş serişdeleriniñ agramly böleginiñ tutýan Nigeriýasynyñ ýakyn taryhda ylym-bilim we aýal-gyzlar ýaly inçe meselelerde nähili oñyn nusga bolandygyny ýatlamak we ýatlatmak gerek.
Nana Asmau şu günüñ Nigeriýasynda amala aşan ylym-bilim ugrundaky nijeme işinde häzirem hormat bilen ýatlanyşy ýaly, düýbüni tutan «Ýan Taru» bilim sistemasy-da materigiñ çäklerini aşyp, Amerikada ýüzlerçe aýal-gyzyñ bilim almagyna goşant goşmagyny dowam etdirýär.

- **Çeşmeler:**

https://www.almadina.org/studio/articles/muslim-women-in-leadership-nana-asmau-daughter-of-the-shehu
https://muslimheritage.com/ode-to-nana-asmau-voice-and-spirit/




Sare ŞANLY.
sareyildiz@gmail.com
Anna, 17.03.2023 ý. Zenan şahsyýetler